# Agöýli / hekaýa

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agöýli / hekaýa AGÖÝLI



Oguz handan miras galan abyrsyz güýç ýene-de öz hanasyna sygmady. Ol öz-özüne-de sygman, öz-özünem ýaryp başlady. Onunjy asyrda ol güýç Gaznaly türkmen hökümdarlarynyň golastynda jemlendi. Ýöne munda-d a ol bir ýumruga sygmady. Ýene bir ýarylanda, ol ýarylyşykdan Seljuk begleri diýip bir topar döredi. Döredi-de, ösüp-örňäp, köpelip-öräp, günsaýyn güýjäp, ýylsaýyn dogumlanyp ugrady. Pähimli hem gazaply, kuwwatly hem hilegär Soltan Mahmyt Gaznalynyň ýiti gözleri müňläp menzil uzakdan ol güýji saýgardy.
Garşydaşy ýeňmegiň iň oňat, iň aňsat ýoly – ony dost tutunmak. Şonuň üçinem, Soltan Mahmyt Gaznaly seljuk türkmenlerini has golaýragyna –Horasana getirmegiň gamyny iýip başlady. Zamun hökmünde-de, seljuklaryň serkerdesi Arslan hany aldap getirip,

zyndanda bent etdi. Emma, o tarapda, onuň bu hile-pirimlerini daşdan görüp, tutan guşuny ütüp oturan ýene bir goja kişi bardy, ol – Seljuk begdi. Irde-giçde ata Watany gaýtaryp aljak bolsaň, Soltan Mahmyt bilen aýgytly tutluşygyň gutulgysyzlygyny öňünden gören dana goja indi bar ünsüni, yhlasyny, galanja güýç-kuwwatyny, ýaşynyň soňuny özüniň gözguwanjy – iki agtygy Muhammet (Togrul) bilen Dawuda (Çagry) beripdi.

Kiçiliginden ulaldylyp goýlan ýaly bu iki oglan Seljuk begiň ýeke-täk umydy, geljekki söweşlere sürüp biljek iň uly güýjüdi.Şol wagtlar dünýäde iň uly, iň güýçli döwleti döredip, ony kuwwatly gollarynyň astynda berk saklaýan Soltan Mahmydam, käte-käte, pany dünýäniň geldi-geçerligi hakda oýa çümende, nämüçindir, ogly Masuda seredenini duýman galýardy. Masud! Nasreddin Al Masud! Geljekki soltan Masud! Gözýetimiň aňry başyndan müňzäp-omzap, ýokary galyp gelýän seljuk güýjüniň öňünde, irde-giçde, şu Masud oglunyň durmaly boljakdygyny ýüregi syzýan ýaly, Soltan Mahmyt Gaznaly Masudy hemmeden güýçli, hemmeden çalasyn, hemmeden batyr, hemmeden akylly ýigit edip ýetişdirmek üçin özüniň pähim-paýhasynam, mal-u-dünýesinem gaýgyranokdy.

* * *

Soltan Mahmydyň azaby ýerine gowuşdy: Masud köp babatdan kakasynyň ornuny tutdy. Ýöne ″Ogul atadan bir pagsa kem″ diýlen sözem ýönelige aýdylman eken. Iň gerek ýerinde, Masudda kakasynyň öňdengörüjiligi, duýgurlygy, mekirligi ýetmedi. Ol kakasynyň näme üçin şu kakabaş seljuk türkmenlerini özüne golaýlaşdyrmaga çalyşýanyna öňem düşünmändi, soňam düşünmedi. Bulary hajyk-hujuk däl-de, gara güýçdür gara gylyç bilen ýeňmeli diýlen pikir onda öňem bardy, şo pikir soňam üýtgemedi. Kakasyndan miras galan ägirt güýç öz eline geçensoň-a, Masud hasam arkaýynlaşdy. Şonuň üçinem, Muhammet Togruldyr Dawut Çagrynyň ilçileri olaryň öz ata Watanlaryndan bir bölejik oturymly-örüli meýdan-u-ýer sorap ýazan hatyny alyp, gaşyna gelenlerinde, Soltan Masud ajy ýylgyryp, ″Çykyň!″ diýen manyda elini salgaýdy.Bu ajy ýylgyryşyň soňunyň neneň-niçik ajy gözýaşlar bilen gutarjagyny o wagt Soltan Masud näbilsin!

Anha, indem Soltan şol seljuk türkmenler bilen ymgyr çölüň içinde, Daňdanakan düzünde ýüzbe-ýüz dur. Indi ber habaryňy!
Güýç-kuwwat Soltan Masutda häzir näçe diýseň bar. Dünýäň gylla ýarysy onuň diňe ýekeje agyz sözüne garaşyp, ˝Lepbeý!˝ diýip dur. Ýöne sen näçe güýçli boldugyňça, öz güýjüňden, ol güýjüň serhoş ediji gudratyndan şonça-da ägä bolmaly. Soltan Masud öz kakasynyň ˝Edäýmegin, edäýmegin, edäýmegin!˝ diýip giden sargytlarynyň birini bireýýäm bozdy. Ol buzahorlyga baş urdy. Onuň bu keseli ýuwaş-ýuwaşdan aşakdakylara-da, goşuna-da ýokaşdy. Ynha, bu günem, serhoşlykdan aýňalanda, Soltan özüniň şu wagta çenli söweşiň keýpinden başga keýpi-sapany bilmeýän sersag, saýyrdyň, boz ýigitler – seljuk begleri bilen ýüzbe-ýüz, başa-baş duranyny aňyp galdy. Özem, olar Soltan Masudyň iň gorkýan ýerinde – ýowuz sähranyň içinde onuň ýoluny kesdiler. Soltan Masudyň güýji olaryňkydan on esse artygam bolsa, bu ýerde – bu sährada çöl gurdunyň her biriniň ona-ýüze taý gelýänini Soltan bilmän duranok.

* * *

Dünýäni lerzana getirip, pelegiň çarhyny tersine aýlajak aýylganç darkaşyň – Daňdanakan söweşiniň başlanmagyna sanlyja pursat galdy.
Togrul beg bilen Çagry batyr bu aýgytlaýjy söweşiň öň ýanynda hem-ä öz ýigitlerini görmäge, hem olara görünmäge çykdylar.
Togrul beg Çagry batyrdan iküç ýaş kiçem bolsa, daýaw, nazarkerdeligindenmi – daşyndan seredene, Çagry batyr däl-de, Togrul beg ulusy bolup görünýär. Ol ilki göze ilýär. Munuň daşyndan, Togrul begde göze görünmeýän ýene nähilidir bir artykmaçlyk bar ýaly. Muny duýýanlygyndanmy ýa-da özüniň has kiçigöwünli, sypaýylygyndanmy – Çagry batyram mydama Togruly öňe salardy, ilki söz nobatyny şoňa bererdi.
Öz begleriniň gelýänini gören ýigitleriň bary heşerlenişip, ykjamlandylar, hemmesiniň nazary beglere tarap gönükdi.
Atlar eýerlenip, guýruklary düwüldi. Ýarag-u-esbaplar ýerbe-ýer, üpjün. Ýigitleriň keýpi gowy. Çar tarapdan seredişýän gara gözleriň barynda bir ot, bir hyjuw alawlap dur. Togrul

begdir Çagry batyryň bulardan tamasam şeýle.
Birdenkä-de, Togrul begiň nazary häzirki pursat bilen sazlaşmaýanrak bir ýagdaýa sataşdy: hol çeträkde, bir ýigit ýalaňaç atyň kä daşyndan aýlanyp, käte aşagyndan eýläk-beýläk geçip, onuň endam-janyny sermeleşdirip ýör. Ýigit eýlesinden-beýlesinden geçip, o ýer-bu ýerini elleşdiriberse, at, göýä, gyjygy tutýan ýaly, siltenjiräp, kakynjyrap, oýun edip ugraýar. Şonda ýigit onuň boýnundan gujaklap, kellesini aşak egip, gulagyna bir zatlar pyşyrdaýaram welin, at köşeşip, sulhup durýar.
Ýigidiň egninde ezýaka, keltejik keteni köýnegi hem, göreşe çykjak ýaly, dyzyna çenli çermelgi balagy, bilindäki örme guşakdan asylgy, baljakly, ýalaňaç gylyjy… Bolany. Atynda-da ne eýer bar – ne uýan.
Togrul beg atynyň başyny çekdi:
– Bu näm boldugy? O ýigit, näme, gelip-gelip, şu wagt atyny ýuwjak bolýamyka? – diýip, ol gapdalynda jylaw deňläp duran Çagry batyra ýüzlendi.
Çagry batyr hemmelerden, hemme zatdan habarly. Şu giden goşunyň içinde haýsy ýigidiň näçe ýarasynyň bardygynam bilýändir.Çagry batyr ýylgyryp, näme üçindir, ″Ol″ diýmän, ″olar″ diýip başlady:
– ″Bir donly – iki ýalaňaç″ diýilýänleri-dä şolar!
Togrul begiň geňirgenip bakmasyna jogap edip, Çagry batyr ýene düşündirdi:
– Donly ýa köýnekl-ä o ýigidiň özi, iki ýalaňajam – aty bilen gylyjy. Şeýdibem urşuberýäler!
Bu üýtgeşik häsiýetnamany eşiden Togrul begiň ýele-güne gaýzygan ýowuz ýüzünde bir ýylyjak ýylgyrma peýda boldy, şol ýylgyrşyna-da, ol başyny ýaýkady:
– Beh… Hany, çagyryň o… olary!
Attutarlaryň biri bada-bat atyna gamçy urdy. Togrul beg attutaryň ýaňky ýigidiň ýanyna baryp, oňa bir zatlar diýenini görse-de, ol ýigidiň nädip atlanyp, nädip ýetip gelenini aňşyrman galdy.
Attutar atynyň başyny yza öwürmänkä, görseler, ýaňky ýigit eýýäm Togrul begiň gaşynda dur. Ol gele-gelmäşe, atyndan böküp

düşdi-de edep bilen salam berdi. Eýersiz, uýandyr jylawsyz aty nädip beýle, islän wagtyň doňduryp bolýanyna hiç düşünmedik Togrul beg ýene gapdalyndaky Çagry batyryň ýüzüne geňgalyjylyk bilen göz gyýtagyny aýlady.
Çagry batyr hiç zat gürlemän, ˝Anha, gördüňmi?!˝ diýýän ýaly, ýere seredip, ýylgyryp dur.
Onsoň Togrul beg ˝Yhm!˝ edip, ýaňky ýigidiň özüne ýüzlendi:
– Adyň nämedir, ýagşy ýigit?
– Agöýli diýýäler! – diýip, ýigit sada hem pert jogap berdi.
– Be-e… Agöýli bolanda-a… – diýip, Togrul beg ýene Çagry batyryň ýüzüne seretdi.
Çagry batyryň ýene bir gylygy: özüne kim näme sowal berse-de, herniçik ýagdaýda-da, bilýän zadyny howlukman, düşnükli hem gysgajyk aýdyp, jogap bererdi. Özünden soralmasa welin, hiç bir söze goşulmaz. Şonuň üçinem, ol häzir doganyna ˝Özüň bilýäň-ä!˝ diýmedi-de, anyk jogap berdi:
– Soltan Mahmyt şuň ýaly ýigitlerden öz serhetlerine saklawçy-garawul goýardy. Olara, tä belli bir möhlete çenli öýlenmek-illenmek, ýurt tutunmak bolmaýardy. Diňe aty-ýaragy hem bir akja çadyrjygy… Eger birden şo ýigitleriň obasy-ili baş göteräýse-de, soltan her öldürilen emeldarynyň hununa şo ˝agöýli˝ diýilýän ýigitleriň onusynyň kellesini aldyrardy. Hem garawul, hem zamun boldugy-da…
Togrul beg ˝Hüm-m!˝ edip, Agöýlä seretdi. Agöýlem, atam ýere seredişip, gürrüňe diň salyp durlar. Näme üçindir, ˝Bu ikisi bir göwre, bir jan, bir ten bolmaly…˝ diýlen duýdansyz pikir Togrul begiň beýnisinden at salyp geçdi.
Beg Agöýlini, onuň atyny ýene birlaý syndan geçirip, dillendi:
– Näme, saňa başga hiç zat bermedilermi?
– Maňa başga hiç zat geregem däl! – diýip, Agöýli bir eli bilen bilindäki gylyjyny saklap durşuna, beýleki elini atynyň ýalyna ýetirdi. – Bize şu bolýa, begim!
– Hä-ä! Bolýan bolsa bolýa… – diýip, Togrul begem onuň gürleýşi ýaly sadalaç dillendi-de, Agöýliniň atynyň balygyňky ýaly ýalpyldap duran endamyna, sagrysyna seretdi:
– Näme, atyňa ýag-zat çaldyňmy?
– Äý, ýok-laý… Munuň üstünde, onsuzam, zordan oturýan-a! –

diýip, Agöýli çaga ýylgyryşyny etdi.
˝Zordan oturaýşyňy!˝ diýip, onuň hälki atylyp gelşini ýatlan Togrul begem öz ýanyndan ýylgyrdy, soň ýene Agöýliniň atyna tarap ümledi:
– Süýtden, çaldanam bakysyny ýetiripsiň öýdýän?!
Agöýli başyny atdy-da, zeýrenip ugrady:
– Äý, şonda-da, begim, men-ä şuny eýere-uýana boýun edip bilmedim… Taýka-ha özüm eýer atjak bolmadym. Indem, gerşine eýer degse, tä ysgyndan gaçyp, ýykylýança jyrtlaýar. Uýan geýdiribem peýdasy ýok, erni ýyrtylýança çekäý jylawy, eger-eger baş berenok… Ýöne eýer-seýer, uýan-puýan diýmän, özbaşyna goýberseň, näme diýseňem – edýär. Näme diýýänimi aýagymdan aňýamy-nämemi… Menem onsoň muň diýenini edýän.
– Onda, sen atyňa däl-de, atyň saňa baş öwredipdir-dä!
– Howwa, şeýle bolýa-da… – diýip, Agöýli ýene şol öňki çaga ýylgyryşyny etdi.
Agöýliniň atynyň keýerjekläp, gypynjyrap, gözlerini agdar-düňder edip durşuny gören Çagry begem saklanyp bilmän, söze goşuldy:
– Şoň üçinem ˝Alma a:ly!˝ diýipdir-ä köneler… A:l at aňsat-aňsat adama eýgertmez.
– Häý, tüweleme! Bolubilýä… Atyň özüňe nesip etsin, inim! – diýip, Togrul beg güldi.
Begiň soňky sözüne Agöýlem hezil edip güldi, şonda onuň seteram, sagdyn dişleri akjaryp, ýaldyrap gitdi.
˝Häzir ˝Gül!˝ diýseň, atam gülýä şunuň!˝ diýip, bularyň gapdalyndan seredip, ýylgyryp duran Çagry batyr pikir etdi.
Soň Togrul beg Çagry batyryňky ýaly, ˝ol˝ ýa-da ˝sen˝ diýmän, köpçülige ýüzlenýän ýaly:
– Onda näme, gaýrat ediň! – diýdi.
Onýança, aňyrdan bir ýigit atyny ýüzin saldyryp geldi:
– Begim! Mäne baba pirimiz ýörite çapar ýollapdyr. Gaty zerur diýýär…
Togrul begdir Çagry batyr bada-bat atlarynyň başyny çaparyň gelýän tarapyna öwürdiler. Şol wagt, Togrul beg Agöýlä ýene bir zat diýmekçi bolup, ýeňsesine gaňryldy. Görse, eýýäm Agöýlem ýok – atam. Togrul beg başyny ýaýkady-da, atyny

debsiledi.

* * *

Şeýle bir söweş boldy. At toýnagynyň güpürdisinden ýer goduklap, goh-galmagal, ahu-nala, tot-tozan asman-pelege ýetdi. Munuň haçan başlap – haçan gutarjagyny, gara der bolşup, çar tarapa at salyp, çar tarapa gylyç urýan adamlaryň hiç biri, hatda, hersi bir belent alaňyň üstünde bu söweşi synlap duran iki sany beýik garşydaş – Togrul begdir Soltan Masudam bilýäne meňzeş däl. Bu söweşi indi diňe Allatagalaň özi birýaňalyk edip, diňdiräýmese, başga indi muny saklap biljek güýç ýok bolarly.
Allatagalaňam kimiň tarapyndalygyny Gudraty güýçlüniň diňe özi bilýär. Şonuň üçin, gaçanam ″Alla!″ diýýär – kowanam.
Soltan Masudyň goşuny, asly türkmen Begdogdy serkerdäniň baştutanlygynda örän berk düzgün-nyzam bilen uruşsa-da, çar tarapdan gurt daran ýaly duýdansyz dökülip – duýdansyzam çekilýän seljuk atlylarynyň hüjümleri olary barha aljyradyp, gitdigiçe-de haýalçyradýardy, bu üznüksiz hem başly-barat hüjümler diňe atly goşunyň däl – hatda, hemme zada öwrenişikli söweş pilleriniňem aňkasyny aşyryp barýardy. Soltanyň goşuny beýle urşa werziş däldi.Bu urha-tutluşygyň, garpyşygyň içinde bir täsin ýagdaý Togrul begiň ünsüni çekdi. Ynha, hol garagörnümde birgiden atly birden bir ýere çugdamlanýar-da, ýene pytraýar, şol wagtam olaryň arasyndan bir ýalaňaç at ok ýaly atylyp çykýar-da, ýüzugra iküç atlyny agdaryp, ýene gaçýar. Beýleki atlylar sozanguýruk bolşup, onuň söbügine münýärler welin, hälki gaçyp barýan at birden durýar-da, hyrra yza öwrülýär. Edil şonuň yz ýanyndanam, birki gezek ýalpyldy bolýar-da, okdurylyşyp gelýän atlylaryň öňdäkileriniň birki sanysy ýere ýazylýar.
Anha, ýalaňaç at etjegini edip, ýene gaçdy. ″Beh, beh, beh!″ diýip duran Togrul begiň bürgüt gözleri şol ýalaňaç atyň üstüne ýelmeşip oturan gyzyl köýnekli göwräni saýgardy. Agöýli at üstünde ýapyrylyp oturanda, a:l at bilen gyzyl köýnegiň reňki utgaşyp, uzakdan seredene, Agöýlidir aty ikisi bir göwre

ýaly bolup görünýär.
– Bo-how… ″Bir donly – iki ýalaňajymyzam″ söweşe giräýen ýaly-la?! – diýip, beg birden daşyndan gürlänini duýman galdy.
– Olar daň ataly bäri söweşiň içinde! – diýip, Çagry batyr bada-bat jogap berdi.
…Bu gezek Agöýliniň daşyna gaty köpleşip geçdiler. Ony atydyr gylyjy bilen bir äpet girdap demine çekäýen ýaly, köplügiň içinde ýitirim boldy.
Bu ahwalaty synlap duran Çagry beg durup bilmedi:
– Şoňa, bolmasa, bir kömek iberläýse näder? Şunça wagtlap ýeke uruşsaň, kimem bolsaň… – diýdi-de, ol sözüni gutarman, Togrul begiň ýüzüne seretdi. Togrul beg ikirjiňlenýän ýaly, böwrüni diňläp bir durdy. Onýança-da, hälki garma-gürmeligiň, urha-çapyň arasyndan şol ýalaňaç at ýene hamyrdan gyl sogrulan ýaly sogrulyp çykdy.– Öwf! – diýip, Togrul beg uludan demini aldy.
– Diri eken, hernä… Gowusy, şoňa päsgel bermäli-le şu wagt!

* * *

Adamlar ýadady, atlar ýoruldy. Günem şunça wagtlap ýokardan seredip durmadan ýadan ýaly, agyr göwresini ýuwaşjadan aşak goýberip başlady. Emma ir ertirden başlanan Daňdanakan söweşi welin, henizem saýpallar ýaly däl.
Ýadawlykdan, suwsuzlykdan, ýaralardan ýaňa, atlaryň äňi sallanyp, agyzlary köpürjikläp, adamlaryň agzynda dilleri çişip ugrady.
Bu ýagdaý seljuklaryňam-a ysgynyny alsa alýar welin, Soltan Masudyň tosunrak tutulan leşgerine has-da ýokuş degýärdi. Olarda indi başky hyjuw, öňki gazap, öňki düzgün-nyzam ýok. Ýüzlerinde ″Äý, näm bolsa – şo bolsun-laý!″ diýen ýaly, biparhlygyň, owarramçylygyň alamatlary görnüp ugrapdyr. Muny ilki bilen Soltan Masud duýaýmaly ýaly welin, ýok, duýanok, görenok. Ol garaşýar, ″Patyşahy-älem, biz ýeňdik!″ diýlen habara garaşýar. Ol habaram hiç geliberenok. ″Näm bolýa-how!″ diýip, Soltan sakylaryň guýýan şerabyndan käte bir owurtlap, ýanyndaky wezir-wekillerinden häli-şindi soraýar. Olaram, jogap ýerine, diňe ýüzlerini aşak salaýýarlar. Masudyň

birsyhly oýkanjyrap oturmasyndanmy ýa-da ýerleşen ýeriniň ürgün çägeligindenmi, garaz, aşagyndaky tagtam bir ýerde durman, kä eýläk, kä beýläk gyşaryp, jan penalara iş bolýardy.
Togrul begdir Çagry batyryň bolsa tagt düzetme aladalary ýok. Olaryň tagty – atyň eýeri. Attutarlaryň uzadýan gan ýaly gyzgyn suwundan käte bir owurtlap, Çagry batyr-a ýene ýygnyň üstüne at salyp gidýär. Togrul beg bolsa şo durşuna, dagyň böleginden çapylyp goýlan heýkel ýaly, gymyldaman dur.
Iň soňda, Çagry batyr aňyrdan gelşine gönüledi:
– Beg inim, ind-ä kömege iberer ýaly ýekeje adamymyzam galmady.
Togrul beg şol äwmän durşuna, Çagry batyryň ýüzüne seredip, bir ýylgyrdy:
– Aý, agam, ikimiz näme, adam dälmi?
Çagry batyram ilki bir geňirgenip durdy-da, soň birden, doganynyň ýylgyryşy ýaly ýa-da atasyndan bir ýyly söz eşiden merdana ogul ýaly, mährem ýylgyrdy:
– Çynyňm-aý?!
– Ikimiziň mydama çynymyzdyr!
Togrul begiň äňi gymyldap, birdenem doňdy, dişleri berk gysylyp, gaşlary düýrükdi. Dünýäni dolandyrmak üçin berlen kuwwatly gollar düýrme gylyjyň baljagyny ýazdyrdy, gögüň gümmürdisi ýaly, ýolbarsyň arryldysy ýaly elhenç bir ses ýaňlandy:
– Çagry begim, beg agam! Sürdük soltanyň üstüne! Yza gaýdan namart bolsun!…
″Togrul begiň özi söweşe girdi!″ diýlen habar Soltan Masuda ýyldyrym çaltlygynda gelip ýetdi. Ol tagtyndan zöwwe turdy, daşyndakylara däl-de, Togrul begiň edil özüne ýüzlenýän ýaly:
– Hä-ä, seljuk beg, hä-ä galtaman! – diýip gygyrdy. – Çydamadyňmy? Çydan dälsiň! Indi seň özüňden başga urşara adamyň galan däldir! Men bilýän-ä şeýle boljagyny…
Soltanyň töweregindäkileriň hemmesi ″Hawwa-da, howwa!″ boluşdylar.
Arasynda, ýörite gygyrýançy biri sesine nazym berip:
– Biziň Soltanymyz ýeňilmezdir, ol – ýeňilmezek Soltan Mahmyt Gaznalynyň ogludyr! – diýip, has yhlasly gygyrdy. Bu sözler

Soltan Masuda özüniň ýaşlygyny, uruş tälimlerini öwrenip ýören döwrüni, ýeller bilen ýaryşyp, tüweleý deý towlanyp, at üstünde oýun baryny görkezýän ogluna ˝Aperin, aperin!˝ diýip, el çarpýan hökmürowan kakasyny ýatlatdy.
˝Hä, ol alaman serdarynyň maňa çagyryş etdigidir bi… – diýip, Soltan Masud ýene öz ýanyndan şol ajy ýylgyryşyny etdi. – Soltan diýilse, diňe iýip-içip, sesine bat berip ýören biridir öýdýändir… Soltanyň kimligini şu gün saňa görkezäýeris. Çagyryşyň kabul, köpeý ogly diýsänim! Senden gaýdan atasynyň döli däldir! Gel bäri!˝
– Atymy getiriň, ýaraglarymy getiriň! – diýip, Soltan dergazap bolup gygyrdy.
Togrul begdir Soltan Masudyň iki tarapdan gylyç syryp, urşa girmesi söweşiň terzini birden üýtgetdi.
Iki tarapyň adamlaram bi Alynyň ala meýdanynda indi diňe ýa almaly – ýa ölmeli, ˝Ýa sen – ýa-da men!˝ diýlen pursadyň gelenligini aňdylar.
Islendik urşuň bir dessury bar: başda gelen serdaryny awlamaly! Ýöne, gündogar urşunyň başga bir kadasam bar: garşydaş soltan ýa-da patyşa bilen başa-baş söweş edip, ony ýaralasaň ýa-da ýesir alsaňam hakyň bar, emma, ony öldürmek bolanok. Ol – namartlyk hasaplanýar.
…Soltan Masudyň leşgeriniň ýüzi Togrul begiň gelýän tarapyna öwrüldi. Öler ýaly ýadan leşgeriň beýnisinde indi diňe bir pikir galdy: ˝Şularyň beginden bir dynsak, belki, soň bu näletsiňen söweş gutarar… Dynç alarys… suwdan ganarys…˝
Emma, Togrul begden aňsat-aňsat dynyp bolýamy! Hany, bar-da golaýyna! Iller iküç gezek gylyç salanda birini alýan bolsa, onuň her zarbasyndan iküç atly agdarylýar. Onuň ýeňsesini, iki gapdalyny goraglap gelýän Çagry batyryň zarbalary ondanam beter: atyň bilen bile düňderýär.
Iki doganyň at üstünde oturyşam başgaça: Togrul beg-ä şol heýkel sypatynda, dim-dik, gös-göni oturandyr, diňe iki eli – iki aýagy hereketde; Çagry batyryň atynyň üstünde bolsa adam däl-de, tüweleý oturan ýaly, onuň hereketlerine göz ilenok. Togrul begiň arkaýynlygy, äwmezligi howuňy bassa, Çagry batyr çalasynlygy bilen garşydaşynyň gözüni çaşardýar….Şu wagt ˝Ýa

Alla!˝ diýip öňe omzaýan Soltan Masudyň daş-töweregi janpenadan doly bolsa, Togrul begdir Çagry batyry bir-birinden hem-de…
Alladan başga goraýan ýok. Her türkmen – öz başyna! Emma, hemmesiniňem bir gözüniň gyýtagy – Togrul beg tarapda. Hemmesiniňem gözünde ˝Aý, agamyzyň özi bir zat eder-le!˝ diýen ynam bar. Muňa Togrul begem düşünýär – Çagry batyram. Şonuň üçinem, ol ikisi, her bir türkmeniň bolşy ýaly, öz gara başyna özi jogap berýär. Galyberse-de, ikisem şu wagt her bir türkmeniň özlerine seredýänligine, öz zarbalarynyň her biriniň türkmen goluna, biline iki esse güýç-kuwwat berýänligine gowy düşünýärler. Şol pikirem bularyň her zarbasynyň güýjüni goşalandyrýardy.
…Näçe ýyldan bäri meý-mest bolup, dünýäni ýeke sürüp ýören Soltan Masudy bu gün onuň iň ýakyn adamlaram tanamady. Ylla bir, agzyndan ot çabraýan aždarhaň bar-da! Bir elinde dembermez gylyç, beýleki elinde-de kelle ýaly gürzi. Öňünden çykanyň beýnisini pytradyp, kellesini togalap, mynjyradyp barýar. Masudy çagalykdan bejerip-besläp, bilýänu-bilmeýän amalu-emelleriniň baryny öwreden garry wezirem onuň yzyndan gözlerini ýaşlap gelşine, Soltanyň her zarbasyndan soň ýumrugyny düwüp, Soltan Mahmydyň sesi bilen: ˝Aperin! A-peri-in! A-a-a-peri-i-in!˝ diýip gygyrýar.
Soltan Masud öz urgularynyňam, wagtyňam hasabyny ýitirdi. Onuň bilşinden, seljuklar beýle köplük bolmaly däldi. Soltan nökerleriniň hersi bir seljugy alanda-da, şu wagta çenli bu meýdanda ýeke seljuk galmaly däl. Emma, näme üçin bular azalyberenok?! Emelleri ökdemi ýa bir ýerden goltgy-goldaw ýetişdimi?
Birwagt Soltan Mahmyt Gaznalynyň goşunynda-da türkmenler kändi. Soltan olaryň iň ökdelerinden tälimgär tutup, ogly Masuda türkmen urşunyň emelu-tilsimlerini öwretmäge çalşardy. Zandynda türkmen gany bolan ýigit üçin o zatlary öwrenmek bir kyn işmi! Masud şazada-da derrew öwrendi. Ýöne şunça öwrense-de, türkmenleriň käbir-käbir emelleri onuň üçin entegem syrdy.
Ynha, türkmen garşyňdan gylyjyny parladyp gelýändir, ne galkany bardyr – ne-de naýzasy. Edil gabadyňa geläýende-de,

gylyjyny depäňden bir salan ýaly eder, senem şo wagt gypynyp, düzgün boýunça, gylyjyňy ýa galkanyňy öňe tutarsyň welin, türkmeniň gylyjy edil şo demde seniň açyk galan başga bir ýeriňi tapar…
Bu emellere Masud gaty belet. Ýöne diňe özüň bileniň bilen, bu giden agyr leşgeriň haýsy birine ony öwredip ýetişjek. Onsoňam, ol emelleri diňe özüň däl – astyňdaky atyňam bilmeli. Ýüzbe-ýüz, başa-baş bolnanda, türkmeniň atam hile baryny gurýar. Ol garşydaşa haçan topulyp – haçan çekilmelidigini, gylyçlaşma başlananda, arany haçan näçeräk saklamalydygyny eýesinden gowy bilýär. Maýyny tapsa, agzyny hatap ýaly açyp, garşydaşynyň ýa onuň atynyň ahmal ýerinden el ýalyny goparyp alaýmanam hiç zatça görenok. Onsoň, birbada iki adam bilen urşan ýaly bolaýýar. ″Türkmeniň aty biziňki ýaly amanat däl, ol aty bilen bile doglup, bile ylgap, bile ösýär. Şonuň üçinem, ikisi bir-biriniň gözünden gaçan ýalydyr″ diýip, bir garry atbakaryň eden gürrüňi Masudyň gulagyna ilipdi. Diňe atyň däl – atlynyňam atlydan parhy kän. Masudyň atlylarynyň azyk-suwlugyna, hatda iňňe-sapagyna çenli ýanynda. Türkmeniňki welin, ″bir päkim, bir-de hälkimdir″. Onuň goltugyndan bir tegelek çörek çyksa – beg boldugy.
″Galanyny ýolda Hudaý ýetirer!″ diýýäler. ″Hudaý!″ diýene Hudaýam ýetiräýýär. Bulardan ″Hany, iýer ýaly nämäňiz bar?″ diýip sorasaň, ″Agzymyz-a bar…″ diýip, güläýýäler. Türkmeniň mydama süňňüniň ýeňil, atynyň armazaklygam, belki, şo zatlardandyr.
Soltan Masudyň diňe müňbaşydyr ýüzbaşylary däl – ýönekeý nökerlerine çenli her aýda alýan hakjagazy bar. Türkmenleriň bolsa kör köpüksiz uruşýanyny Soltan Masud anyk bilýär.
Soltan Masudyň goşuny kemsiz tälime, berk düzgün-nyzama öwrenişen goşun. Munda nökerbaşylaryň aýdany – aýdan, diýeni – diýen. Türkmenleriň bolsa hersi özüne soltan. Hersi islän ýerinden urup – islän ýerinden çykýar. Ýöne, daşyndan göräýmäge, şeýle başly-baratlyk ýalam bolsa, olar mydama, her dem bir-birinden habarly. Biriniň gyssanan ýerinde, beýlekisi edil Hydyr ýaly ýetişýär. Ýene bir syr – olaryň egri gylyjynda. Ýok, egriliginde däl – berkliginde. Soltan Masud öz

leşgeriniň gylyçlaryny iň ökde ussalara polat suwuny berdirip, aňrybaş derejede taplatsa-da, iküç gezekki agyr söweşden soň, ol gylyçlaryň baryny jara dökäýmeli bolýar. Türkmeniň welin, bir gylyç bütin ömrüne ýetýär. ″Munuň poladyna näme goşýaňyz?″ diýip, bir türkmen ussasyndan sorasalar, çynmy-ýalanmy, ol ″Damakgan!″ diýip gülenmişin. Oýundyr-laý!
″Türkmenler gylyjyny kän gynynda saklanok. ″Gylyç gynda dursa, basym poslaýar″ diýip, ýene biri başga gürrüň tapýar. Gep-gürrüň kändir-le. Emma…
Masud atynyň başyny çekdi. O näm boldugy? E-e-eý, tutuň ony! Soltanyň töweregindäkilerem kürtdürip, hökümdaryň bakýan tarapyna seredişdiler. Hol garagörnümde, üstündäki eýesini eýeri bilen aldyryp, bu zenzeleden ýaňa guduzlara gelen bir ýalaňaç at goşunyň içinde alakjap, iki ýana dabyrap, ber-başagaý. Dabyrap geçsin, bu aldym-berdimiň içinde eýesiz galan at gytmy! Ýöne ol atyň bolşy – eýesiniň aryny kimden aljagyny bilmän, çem gelene agyz urup ýörene meňzeş. Geň ýeri, onuň baran ýerindäki atlylaram ony tutjak ýa urup kowjak bolman, gaýtam, paýyrdy berip gaçýalar. Yzly-yzyna atdan agýanlaram görünýär.
Bu näme, Togrul begiň ýene bir oýnumyka? Soltan Masudyň pillerine öýkünip, o-da atyň endam-janyna gykyçdyr naýza daňyp goýberiberdimikä? Onýança-da, ýaňky ýalaňaç atyň üstünde bir gara kelle görnüp giden ýaly boldy. Howwa, at eýesiz däl. Üstünde egni geň lybasly bir-ä bar. Anha, gylyjynam aýlaýar. Togrul-a däl. Çagrymyka? Çagry batyryň at üstünde edýän oýunlary hakda Soltan eşidipdi. Haýsy bolanda näme! Beýdip, edenini edip ýörmeli bormy? Soltan gazap bilen atynyň böwrüne depdi. Duýdansyz depgiden tisginen at janawar agyzdyrygyny çeýnäp öňe atylanda, tas eýesini üstünden agdarypdy. Masud özüni raslap, ýene gylyjydyr gürzüsini işe girizdi. Ýöne, häli durup, sowaşypmy-nämemi, elleri birhili agyr galýan ýaly. Zyýany ýok, ýene gyzyşar.
Soltan Masudyň jyny, näme üçindir, aýratyn şol ýalaňaç atla düşdi. Diňe şony nazarlap barýar. Gaplaň kimin düýrülip-ýazylyp, Soltanyň goşunynyň kä sagyndan – kä solundan gurt daran ýaly edip ýören şol türkmeniňem häzir elindäki gylyjy

bilen astyndaky atyndan başga syry ýok. Emma… şol ikisem ýeterlik dälmidir eýsem?!

…Agöýlidir atynyň bolsa şu wagt tüýs gyzan pillesi. Ondan-mundan gyltyz-gyztyzrak degýän tyglaryň yzasyny duýanoklaram. Şol aralykda, bir-birine dynç beribem ýetişýärler. Nädýäler-ä! Agöýl-ä käte atyndan böküp düşýär-de, bir eli bilen onuň ýalyndan ýapyşyp, ylgap barşyna, beýleki eli bilen pyýada söweşine başlaýar. Gaçalgasyny aldyryberse-de, atynyň astyndan sümüp, beýlesine geçýär… Gaty ýadaberende-de, atynyň üstüne özüni atyp, boýnundan bujaklaýar. At şobada guş kimin uçup, eýesini böwşeňräk, adamsyzrak ýere aşyrýar. Juda bir ölüm ýarasy düşäýmese, bulary ýadadyb-a alyp boljak däl.

˝Hä-ä, ýalaňaç seljuk! Hokgaçy türkmen! Gel bakaly, seň hokgaňy bir gözüňden çykaraýyn!˝ diýip, Soltan Masudam dişini gyjap, käte gylyjynyň ters tarapy bilen atynyň sagrysyna urup, öňe omzaýar. Ýöne, soltanyň birki ýyl bäri meýli badadan agyr zat göterip görmedik gollary gitdigiçe gowşap, atynyňam, hamana, syrtyndan biri asylýan ýaly, barha gaýra tesýär.

Seljuk türkmenleriň degdim-gaçdym oýny halys degnasyna degen soltan goşuny bar güýjüni jemläp, aýgytly hüjüme geçdi. Bu soňky zarba seljuklary ýeňse bermäge mejbur etdi. Mundan gylaw alan soltan leşgeriniň uly bölegi olary tä Ýer tükenýänçä kowalamak üçin söbüklerine mündüler.

Öz türkmeniniň oýnuna belet Begdogdy hajyp ˝Kowgyny bes ediň! Dargamaň!˝ diýip buýruk berdi. Emma, soltan leşgeriniňem kellesi mazaly gyzan eken: onuň üçden birrägi buýruga boýun bolup, yza dönse, galan bölegi kowga gitdi.

Gahar-gazap gözüni gapmasyn! Gahar akyldan öňe düşmesin! Ýogsam, seljuk türkmenleriň gaçanyna-da, kowanyna-da ynanmaly däldigine şu kowguçylaram biriçe düşünýärdi. Onsoňam, söweşde berk düzgün-nyzamyň käte tersine işleýän halatlaram bolýar. Bäş-on atly kowga başlasa, beýlekilerem olaryň yzyndan eňýär, bäş-onusy yza dönüp, gaçsa-da, galanlaram paýyrda berýär. Ine-de, garagörnümden ýapyrylyşyp gaçyp barýan seljuklar birden at başyny çekip, kowguçylara tarap öwrüldi-de duruberdiler. Kowguçylar olary ýüzugruna paýhynlamak üçin eňip barýarkalaram, bir ýelýüregiň ˝Haý, gabaldyk!˝ diýen aýylganç

gykylygy hemmäniň inini dygladyp gitdi. Görseler, dogrudanam, daş-töwerek, edil ýerden çykan ýaly, seljuk atlysyndan doly.
Sähel salym dym-dyrslyk boldy. Birdenem, Çagry batyryň:
– Ýigitle-e-er!!! – diýen sesi ýaňlandy. Yzyny Alla görkezmesin!
Togrul begiň baştutanlygyndaky beýleki topar bolsa şo wagt Soltan Masudyň bölünip galan leşgeriniň bir çetinden opuryp gelýär. Ýöne bu galan leşgerleriňem güýji Togrul begiňkiden artyk bolmasa – pes däl. Arkalarynda soltan duransoň, entegem ýürekleri suwly. Diňe ýan meşiklerinde ýeke owurt suw ýok.
…Agöýli iki oduň arasynda galdy. Aňyrky gabawdan bir söý bilen urup çykan uly bir kowçum soltan nökeriniň ýolam onuň üstünden düşdi. Ertirden bäri ynjalyk bermedik bu ýalaňaç atlynyň daşyna köpleşip geçdiler.
Adamyň jany demirden däl. Agöýlem synasyna düşen sansyz ýaranyň, ýadawlygyň, teşneligiň azaryny barha ýiti duýýardy. Ýöne ol söweşiň iň gyzgalaňly, iň gyzykly ýerinde uruşdan çykmany özüne namys bildi, ölse-de – şu ýerde, öz atynyň üstünde ölmegi ýüregine berk düwdi…
Şol barmaşa-da, ýeňsesinden inen serdessemi – gürzi Agöýlini seňseledip, atdan agdardy. Ýöne Agöýliniň beýnisi bir buýrugy: öleňden soňam, bir-ä atyň boýnuny, birem gylyjyny elden sypdyrmaly däldirini gaty berk bellän eken. Şonuň üçinem, Agöýli atdan agsa-da, bir eli atynyň ýalyndan ajal ýaly ýapyşyp dur.
Agöýliniň üstüne çar tarapdan aç möjek ýaly topuldylar. Emma, ony edil naýzaň ujuna nündüräýmeli bolanda, gökden inen ýaly, bir kowçum seljuk atlysy peýda boldy-da, bularyň arasyna urduryp girdi. Elbetde, beýle aldym-berdimde kim öňürtilese – utuş şonuňky. Seljuklar ýene öňürtdiler.
Şol böwşeňlikde Agöýlem birden huşuna geldi. Atyny gördi. Onuň boýnundan ýapyşyp, ″Meni galdyrma, alyp git, dogan!″ diýip pyşyrdady. Gör-ä muny! At janawar birden onuň öňünde düýe çöken ýaly çökdi oturyberdi. Agöýli onuň gerşine zordan aýagyny atyp, boýnundan berk gujaklady-da, ýene ″Uçduk, gardaşym!″ diýip pyşyrdady. Bir ″Haý, gitdi!″ boldy, tamam.
Agöýlüdir atynyň yzynda diňe çalaja tozan galdy. Uçduk diýip,

ine, şuňa diýäýseň! Bularyň yzyndan, öňünden, gapdalyndan, gyýalap, keseläp, gönüläp kowan atlylaryň barynyň agzyna goýup, Agöýliniň aty zym uçdy. Bu wakalary görüp duran Soltan Masud muny erbetlige ýordy. Soltanyň daşyndaky adamlary barha gürelýär. Ol öz atynyň häliden bäri bir ýerde depirjekläp duranyny soň aňyp galdy. Näme boldy — näme bolmady, Soltan Masudyň goşuny birdenkä ýakymsyz bir gozgalaň tapdy. Onuň bir çetinden gaýdan sarsgyn, goşunyň bütin süňňüni yzarlap gelşine, Soltan Masudyň ýüregine ornady. Soltanyň ýüregi sarssa-da, goşunyň eňkamynyň agdygy. Soltan Masud üzeňňä galyp, näme-nämeler bolýanyny görjek boldy, ýöne ony birden yzlygyna gysyp ugran janly diwar muňa maý bermedi. Emma, gözi bilen görmese-de, bir bolmasyz işiň bolanyny onuň ýüregi eýýäm syzypdy.
— Duruň! Nirä? Duruň diýýän, siziň bir… — diýip, Soltan Masud gözlerini agdar-düňder edip gygyrdy. Munuň bilenem oňman, gapdalynda duran sypahylarynyň biriniň depesinden gamçyny inderdi: — Siz näme, baryňyz maňa gysmyljyraşyp dursuňyz, nalajedeýin ýalýagylary diýsänim… Baryň, gidiň öňe!
Ätiýaçda duranlaryň, janpenalardyr garry wezirden öňňesi, atlaryny ýüzin saldyryp gitdiler. Emma… ürken düýe bilen gaýdan döwletiň, hem garşydaşyndan howy basylyp, dowla düşen goşunyň öňünde duran özüň bolma!
Soltan Masudy yza gysyp-gysyp, bir salymda şol öňki duran alaňynyň üstüne çykardylar. Gözýetimi giňän Soltan uzaklara ser salanda, özüniň häliden bäri ynanasy gelmeýän ajy hakykatyny gözleri bilen gördi: goşun ber-başagaý yza çekilýär. Ony gylyç bilen bölen ýaly ikä bölüp gelýän seljuk atlylarynyň arasynda, at üstünde dim-dik bolup oturan göwre-de, eger, Soltanyň gözüne görünmeýän bolsa — şo-ol Togrul beg bolmaly! Ýagysyny gören Soltan bir silkinip, öňe ümzügini atdy. Ýöne elleri, aýaklary indi oňa gulak asmady…
Daş-töwerekde gyk-bak, güpürdi barha artýar. Soltanyň ýagdaýyny hemmeden öňürti garry wezir aňdy. Ol gapdallaşyp gelýän sypahylaryň birine üm etdi. Soltany götergiläp, alyp gaçdylar. Garry wezir Soltanyň elinden gaçyp galan äpet gürzini zordan göterip, ilki gelen garşydaşyň atynyň çat

maňlaýyndan urdy. At üstüniň atlysy bilen güpürdäp gaýtdy. Wezir gürzini ikinji gezek götermäge ýetişmedi…
Soltan gaçdy – ysgyn gaçdy. ˝Soltan gitdi!˝ diýlen habar ýyldyrym çaltlygynda onuň leşgeriniň bar ýerine ýetdi. Bu habar goşunyň barja ysgyn-deramatynam aldy. Ýaraglar elden gaçdy. Dowulbaz depini urdy. Jarçy zoguny çaldy. Tugdar Togrul begiň tuguny galdyryp, ýele parladyp, iki ýana bulaýlady. Daňdanakan söweşi häzirlikçe tamam boldy.
– Ýygnanyň! – diýip, Togrul beg buýruk berdi.
Şol wagt bir çapar at derledip geldi-de:
– Pylan ýerde bir topar duşman atlysy üýşüp dur! Özlerem ak baýdak bulaýar – diýip habar berdi.
Çagry batyr entegem sowap ýetişmedik sag elini gylyjynyň baljagyna ýetirende, Togrul beg onuň eliniň üstüne elini goýdy:
– Olar şehitlerini, ýaralylaryny ýygnajakdyr. Degmäň…
Hol garagörnümden kelle atyp, zordan ýöräp gelýän ata gözi düşen Togrul beg öz sözüni gap bilinden kesdi. At janawar Togrul begiň bäş-on ädim golaýyna gelip, sakga durdy. Onuň ýalaňaç gerşiniň iki tarapyndan aşak sallanyp duran iki eldir iki aýagy gören Togrul beg:
– Hiýh… Agöýli?! – diýenini duýman galdy. Soňam birden: – Mä-ä-mu-u-un! – diýip gygyrdy.
Togrul begiň jan ynanýan tebibi, goja al-Mamun desbi-dähel begiň gaşynda peýda boldy. Gelşine-de, Togrul begiň ganjaryp duran çignine ýapyşdy. Emma, Togrul beg sagat eli bilen ony çalaja itekläp, Agöýlä tarap ümledi. Tebibiň kömekçileri derrew Agöýlini atdan göterip alyp, ýerde ýatyrdylar. Bu goja tebibiň aňyrsy araplardan bolup, soňy al-Mamun bilen gutarýan tükeniksiz ady bardy.
Seljuklar-a, türkmençä sazlaşdyryp, oňa ˝Mömin tebip˝ diýerdiler, Togrul beg bolsa, ol gaty görýän bolaýmasyn diýip, özüçe arapçalan bolup, ˝Mämun˝ diýerdi.
Al-Mamun diýleniňem bir gylygy bar: haýsy tarapyňky bolsun – bir agyr ýaralyny görende, agysy tutýar. Ine, häzirem ol Agöýliniň gapdalynda çöke düşdi-de, öz dilinde zarynlap, birtopar zatlar sanaşdyrdy, gursagyna taýly gezek ýumruklap,

soň sellesini penjeledi.
– ″Wah″ diýýä, ″wah…″ – diýip, Çagry batyr dillendi. Onuň dilmaçlyga başlanyny Togrul beg soň aňşyrdy, hüşerildi:
– Näme diýýä?
– Äý, gynanýa… ″Şuň ýaly gözel ýigide…″, yhm, ″Nazarkerde ýigide tyg uranyň eli gurasyn!″ diýýä. ″Wah, muny nädäýipdirler!″ diýýä. ″Eleme-deşik″ diýýä…
– Howwa-a! – diýip, Togrul begem uludan demini aldy-da, birdenem, çignindäki yzadan ýüzüni çytdy. – Häý… Dogrudanam, abat ýerin-ä goýmandyrlar… Ýene näme diýýä?
Goja tebip birden yzlamasyny kesdi-de, çöke düşüp oturyşyna, Agöýliniň gursagyna gulagyny goýdy, soň onuň goşaryny tutdy, gabaklaryny galdyryp, garaçygyna seretdi. Birdenem, arassa türkmen dilinde:
– Ýa Allam, özüňden medet! Abraý bereweri! – diýip gygyrdy. Agöýliniň ýüzünde dirilik nyşany bolmasa-da, goja tebibiň gözlerinde umyt göründi.
– Mämun! – diýip, Togrul beg seslendi. – Şu ýigit… – Beg barmagyny Agöýlä tarap uzatdy. –…ölmeli däldir, eşitdiňmi? Şuň ýaly ýigitleriň yzy ýitmeli däldir, tohumy tükenmeli däldir! Eşitdiňmi?
Tebip biçäre näme diýjegini bilmän, uludan demini alyp, ýere bakdy-da:
– Ämin! – diýdi.
Al-Mamun Agöýlini tämiz düşegiň üstünde ýatyrdy-da, enjamu-dermanlaryny alyp, onuň daşyna geçdi. Ony arkan-ýüzin öwrüp, ýaralarynyň baryny ýuwup-tämizläp, melhem üstüne melhem ýapdy, ganyny duruzdy. Ýigitleriň birki sanysy bolsa, al-Mamunyň buýrugy bilen, häzir beýleräkde bir geçini öldürip, deriden çykarýardylar. Tebip geçiniň bugaryp duran hamyny Agöýliniň gapdalynda ýazdyrdy-da, hamyň ýüzüne bir zatlar sepişdirip, desbi-dähel, Agöýlini deriniň üstüne geçirtdi. Öňki melhemleri aýryp, Agöýliniň daşyny deri bilen bäbek gundan ýaly gundady, onuň üstündenem iküç öwre ýüp aýlady. Munam az görýän ýaly, Agöýliniň aýaklarynam pugta daňdyrdy. Kellesem tutuş sargyly bolansoň, Agöýliniň indi agyz-burny bilen, berk ýumulgy iki gözünden başga ýeri görnenok.

Ine, birsalymdanam, Agöýliniň tutuş göwresi birden silkinip gitdi, soň ýene… Birdenem, hälki göwre düýrülip-ýazylyp, şeýle bir urnup başlady welin, tebibiň kömekçileri iki tarapdan goldaşyp, ony zordan saklaýardylar. Şol barmaşa, häliden bäri iňlemäge-de güýji ýetmän ýatan Agöýli uludan ah dartyp, janagyryly bir gygyrdy welin, tebibiň kömekçileri ýaýdanyşyp, halypalarynyň ýüzüne-ýüzüne seredişiberdiler. Tebibiň bolsa indi gylam gymyldanok, Agöýliniň başujunda eglip-galyp, arkaýyn öz işi bilen.
Şol wagtam, garaşylmadyk bir waka ýüze çykdy: Agöýliniň häliden bäri bir çetde sulhup duran aty ýaňky janagyryly sese başyny silkip göterdi-de, birdenem, agzyny açyp, tebibe tarap topyldy. Hajraw ýaly ýigitleriň üç-dördüsi birden atylyp turup, atyň boýnuna kement taşlap, ony tutmadyk bolsalar, munuň soňunyň näme bilen gutarjagy belli däldi. Birsalymdan, Agöýlem köşeşdi – atam. Agöýliniň burnunyň ujy çalaja derläp ugrady.
Tebibiň kömekçileriniň biri halypasynyň häli ýere togarlanan sellesini galdyryp, oňa uzadyp durşuna, onuň gulagyna pyşyrdady:
– O janawaryň özüniňem-ä ýara düşmedik ýeri ýok ýaly-la…
Tebip sellesini düzedip durşuna, hüňürdedi:
– Onuňam gitjek ýeri bolmaz… Onam bejereris. Güýlüň derrew!

* * *

– Agöýli pälwan, nähili ýagdaýlar?
Serpigi, eňsisi, durluklary galdyrylgy giň gara öýüň içinde, özi ýaly agyr ýaralylaryň arasynda ýatan Agöýli tanyş sese gözlerini açdy-da, üstüne abanyp duran Togrulyň ýowuzdan mährem ýüzüni tanap, jogap ýerine, ysgynsyzja ýylgyrdy.
– Patyşahy–älem! – diýip, Togrul begiň ýanyndakylaryň biri oňa ýüzlendi-de, soň gulagyna bir zatlar pyşyrdady. Agöýli çalaja geňirgenip, daş-töweregine seretdi.
Düýn-öňňünlikde, seljuklaryň Merwde bolan gurultaýynda Togrulyň biragyzdan şa göterleninden Agöýliniň entek habary ýok. Togrulyň ýüz-gözünden, daş-keşbindenem bir zat aňar ýaly

däl.
– Näme gerek-ýarak zadyň bar, pälwan? – diýip, Togrul beg Agöýliniň gapdalynda dyzyny epdi.
Agöýli dodaklaryny çalaja gymyldatdy. Tebibiň kömekçileriniň biri oňa tarap eglip, soňam iki epilip durşuna, Agöýliniň ýerine jogap berdi:
– Atyny soraýa, tagsyr!
Togrul gaňrylyp, ýeňsesinde duranlara seretdi.
– Patyşahy-älem, atyň ýagdaýy gowy, aýlawa goşubermeli! – diýip, duranlaryň biri dillendi.
Agöýliniň dodaklary ýene ýylgyrdy.
– Be-e, Agöýli pälwan, men senem ýanym bilen Yraga – Şama tarap alyp gidäýjekdim welin… aý, bähbit bolsun! Bolmasa, yzymyzdan kowup ýetersiň-dä!
Agöýli jogap ýerine, gözüni güldürip, çalaja başyny atdy.
– Ýok, galaryn diýseňem, ynha, Çagry begem seni gerekläp otyr… Nirede bolsaňam, şu merdana başyň aman bolsun! – Togrul beg bir elini galdyryp, yzyndakylara yşarat edende, duranlaryň biri ylgap gelip, şahana serpaýy Agöýliniň üstüne ýapdy. – Seniň her ýaraňa bir serpaý ýapsagam, biz ýene bergidardyrys – diýip, Togrul sözüniň yzyny ýetirdi-de, bilindäki altyn saply, kümüş gynly hanjaryny çözüp, Agöýliniň ýassygynyň üstünde goýdy. – Sen çyn Agöýli ekeniň. Adyň ýerde ýatmasyn, beg inim!
Duranlaryň bary eglip, hökümdara hem täze bege tagzym etdiler.
Togrul ýaralylaryň hemmesiniň halyny sorap, yzyna çykjak wagty, birden kürtdürip, gara öýüň eňsisine seretdi-de, ýeňsesine gaňryldy:
– Çagry beg! Ikimiziň soraýan ýurdumyzda Agöýli ýaly ýigitler gara öýde ýatyp-turmaly däldir!
Çagry beg başyny egdi.

Kömek KULYÝEW. Taryhy proza